# Eý Köñül

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Eý Köñül ▶ EÝ KÖÑÜL

Serferezdan eý köñül, usýandan azat olmuşam,
Ötmüşem ýalgan penadan, baky binýat olmuşam,
Dynmaýan ýar hijrinde, zarynjy perýat olmuşam,
Janymny perwaz eýleýip, janana saýýat olmuşam,
Äşiýanam men seniñ, genji-ragbatym, eý köñül.

Dözmezem dünýä sary, Hak birle ykrar etmişem,
La-heý, billany heý müñ gatla tekrar etmişem,
Gijeler bidar olup, ruhumny huşýar etmişem,
Gatlanyp, ganat kakyp, ýarymny bisýar etmişem,
Sydkyna kim islese, müşkül küşadam, eý köñül.

Hak bizi gark eýlemiş, ylmy-ledon derýasyna,
Uçradym derýada men, ussat Hydyr-Ylýasyna,
Ummatym elamdululla ol Nebiler hasyna,
Aryfam, aldanmanam, sagat ýalan dünýäsine,
Teşneläp hunlar içer, bahram-haýatam-eý köñül.

La mekanyñ burçuda seýran edee, teýranymyz,
Zikr edip, gol gowşuryp, dergähiñe dermanymyz,
Zerre ýokdur jan çykarga, panyda armanymyz,
Ýüklenipdir genç ile, ukbada kerwenimiz,
Ýatmyşal hublar erä, saklan melamatdan, eý köñül.

Eý ýaranlar, aşyk olan, jan ile serden geçer,
Genji-mähnetler çekip, wahtab şerabyndan içer,
Mürşidi kätip bolanlar, işbu menzilden geçer,
Gul Gedaýy gözlerinden yşky baranlar seçer,
Pürhüner, zatym kuraýyş, Gözlük ataýam, eý köñül.

---

Serfererezdan – beýik mertebeli.

Usýandan – gaýgy-gussadan, joşgundan.
Saýýat – awçy.
Äşiýanam – äşgär.
Genji-ragbatym – uly baýlyk, güýç-kuwwatym.
Billany heý – Tañry üçin ýok bolmak.
Bidar – oýa bolmak, uklamazlyk.
Huşýar – hüşgär.
Bisýar – köp zat, zyýat.
Sydkyna – dostuna, ýoldaşyna.
Küşadam – kyn zady añsat eder.
Ylmy-ledon (ylmy-ledun) – sopuçylyk taglymatyna görä, bendäniñ perişde we pygamber arkaly däl-de, gös-göni Hudaýyñ özünden öwrenýän ylym.
Nebiler hasyna – pygamberleriñ ýagşysyna.
Bahram-haýatam – ylymda deñsiz-taýsyz.
La mekanyñ – pelegiñ, dünýäniñ.
Teýranymyz – uçmak, ruhuñy uçurmak.
Genç ile – gaýgy bilen.
Ukbada – kyýamatda, ahyretde.
Hublar erä – ýagşylar bilen.
Wahtab – Alla yşkynyñ meýi.
Yşky-baranlar – göz-ýaşlar.
Pürhüner – gözi ganly ýaşdan doly.

◆ ◆ ◆

▶ UÇDUM MEN-Ä

Yşga düşüp boldum geda, ýandym Huda,
Nebsim jyda eşdip nida, janym pida,
Atdym otga, hüw-hüw diýip,
Ganat kakyp uçdum men-ä.

Namaz kyldym, ajap mesjidi-aksada,
Rowan uçdum eglenmeýen setde-syrda,
Gudrat bile geçdim ýetmiş perde aşyp,
Salam kylyp jananyma duşdum men-ä.

Iman üçin kyldym jefa, aldym şyfa,
Ýüwrüp gafa, didar diýip hezret tefä,
Içdim şerap, galdym segräp,
Säher-saba tenu-jandan geçdim men-ä.

Yzlap yzy, ýazdym sözi,
Gezdim düzi, boldum özi,
Şükreldilla uçan yzym boldy razy,
Pena bolup batyl gözün açdym men-ä.

Gör daşymy, kyrk ýaşymy,
Pür goşumy, ber joşumy,
Alla diýip säherlerde göz ýaşymy,
Girýan bolup, ýagmyrlaýyp seçdim men-ä.

Söýdüm any, tüni-güni,
Yşkdan gany, hetdiñ tany,
Eý Gul Geda bolduñ göni,
Kim islese tapmas meni,
Alla diýip, bu panydan geçdim men-ä.

Gul GEDAÝY Goşgular